# Aýalyma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aýalyma AÝALYMA

Ujypsyzja zady göwnüňe alyp,
Neçün menden kine edýäň kämahal?
Kese-kese bakýaň öýkelän bolup,
Perizadym, biraz geçirimli bol.

Hawa-da özümem biraz gyzmarak,
Sähel zada gaharlanyp goýberýän.
Bagrym ezmesene gussaly garap,
Ähli gözellerden seni eý görýän.

Keýwany,alada,ünji köpelip,
Özümizi garratmaly biderek.
Iýjek-geýjek zatlarymyzyň tapylyp
Duranyna, şükür etmegmiz gerek.

Keýwany,bir hili ýaşlar ötüşip,
Ikimizem biraz garrap barýasmy?
Tüweleme, çagalarmyz ýetişip,
Olarda öz ýaşlygmyzy görýäsmi?

Ýeri bolýar ýüzüň turşatmasana,
Men ýöne degişen bolýaryn, häli.
Kalbyňy gam-gussa gurşatmasana,
Sen häzir juwan-la, şol öňkiň ýaly.

Durmuşda şatlygam,gaýgam bar,garaz,
Gürrüň ýaşlykda ýa garrylykda däl.
Hany,çaý demlede, orta saçak ýaz,
Özüňem öňki deý şadyýanja bol.

Hany agtygyňy eliňe alda,
Lak at,onuň ýylgyrşyny synlaly.
Şulardan süýji zat barmyka ,walla?

Goý,hemmeler bagtly bolsun sen ýaly.
Goý,hemmeler bagtly bolsun men ýaly.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular